# Bahar gelipdir

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bahar gelipdir

BAHAR GELIPDIR

Ýazyň serpaýyny atyp egnine,
Bu tebigat ýaşyl donun geýipdir.
Müň dürli öwüşgin çaýyp Zemine,
Bu gün gül Diýara bahar gelipdir.

Çar ýanda açylyp owadan güller,
Baglarda saýraýar şeýda bilbiller,
Owazyňy diňläp bagtyýar iller,
Bu gün gül Diýara bahar gelipdir.

Sährada ýaňlanýar tüýdügiň sesi,
Gök öwüsýär daglaň belendi-pesi,
Bark urýar al-elwan gülleriň ysy,
Bu gün gül Diýara bahar gelipdir.

Ýaz güllerniň läle reýhan çemeni,
Gazanlarda gaýnar datly semeni,
Bezäp ýaýlalary goýman kemini,
Bu gün gül Diýara bahar gelipdir.

Zemin içre ýazylyp dur, ýaýnap dur,
Dagy-düzi gül pürçüge büräpdir,
Gök asmany älemgoşar bezäp dur,
Bu gün gül Diýara bahar gelipdir.

Ýurdumda ýaňlanýar bagtyň mukamy,
Ajaýyp Zamanaň ýaz deý ýakymy,
Türkmenistan – rowaçlygyň Watany,
Işi rowaç ýurda bahar gelipdir.

Şemşat ATAÝEWA,

Wekilbazar etraby.

Goşgular